# Şerigat diýmek näme?

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

Sahypaň akyjysy: Esselämu aleýkum. Şerigat diýmek näme?

Jogap: Waleýkum esseläm we rahmetullahi we berekatuh.

Arap dilinde **شريعة**/Şerigat diýmek, ýol, ýörelge, kanun diýmekdir.

Adalgada **الشريعة**/ Şerigat diýmek bolsa, Allah Tagalaň bendeleri üçin kanunlaşdyran zatlarydyr. Şerigat dolulygyna diniň özüdir we Allah Tagalaň kanunydyr.

Allah Tagala aýatda şeýle diýýär:

ثُمَّ جَعَلْنَاكَ عَلَى شَرِيعَةٍ مِنَ الْأَمْرِ فَاتَّبِعْهَا وَلَا تَتَّبِعْ أَهْوَاءَ الَّذِينَ لَا يَعْلَمُونَ

**“Soň (din) işinde saňa (aýdyň) bir şerigat (ýol) berdik. Sen oňa (ol ýola) tabyn bol! (Hakykaty) bilmeýänleriň arzuw-isleglerine boýun bolma!”**

(Jasiýa 45/18)

Musulmanlara her bir işde Allah Tagalaň şerigatyna eýermek parzdyr.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

www.ahlusunnet.com